THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Prezidenti Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli dabaralara gatnaşdy

Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli dabaralar geçirildi. Onuň çäklerinde «Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşiginiň we döredijilik işgärleriniň arasynda yglan edilen bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen milli buýsanjymyz bolan behişdi bedewlerimiziň at-abraýy dünýä dolýar. Ahalteke bedewleri ähli döwürlerde-de milli gymmatlygymyz, türkmen ojagynyň ýaraşygy we tutumly toýlaryň bezegi bolup geldi. Ýyndamlygy, owadanlygy, wepadarlygy bilen tapawutlanýan bedewlerimiz halkymyzyň uçar ganaty, bahasyna ýetip bolmajak milli gymmatlygydyr. Ahalteke atlary hemişe aýratyn buýsanç hem-de ylham çeşmesi bolupdyr we şeýle bolmagynda-da galýar. Gözellikde deňi-taýy bolmadyk bedewlerimize tutuş Ýer ýüzünde uly baha berilýär.

Asyrlaryň dowamynda ata-babalarymyz ýyndam ahalteke bedewlerini ösdürip ýetişdirmegiň milli ýörelgesini döredipdirler. Häzirki wagtda bu däpler ussat atşynaslarymyz, seýislerimiz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýär we baýlaşdyrylýar. Bu gün türkmeniň atşynaslyk, seýisçilik sungaty şöhratly ýollary geçýär, atçylyk pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýady pugtalanýar. Ýurdumyzda atçylyk pudagyny ösdürmek, ahalteke bedewleriniň dünýädäki şöhratyny belende galdyrmak ugrunda maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Pudagyň ýokary derejeli hünärmenler bilen üpjünçiligine hem aýratyn üns berilýär. Tejribeli atşynaslary, seýisleri, çapyksuwarlary we bu ugra degişli beýleki hünärmenleri taýýarlamak, olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak boýunça zerur işler amala aşyrylýar. Bu işlerde atşynaslyk sungatynyň gadymdan gelýän däpleriniň häzirki zaman tehnologiýalary esasynda dowam etdirilip, has-da baýlaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär.

…Ir bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Köpetdagyň ajaýyp künjeginde bina edilen Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasyna geldi. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, Arkadag şäheriniň häkimi garşylaýarlar. Şeýle hem dabara gatnaşyjylaryň hatarynda daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, belli atşynaslar, atçylyk pudagynda zähmet çekýän hünärmenler bar.

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026



Medeniýet we sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren aýdym-sazly çykyşlarynda ýelden ýüwrük behişdi bedewleriň waspy ýetirildi. Milli baýram mynasybetli gutlag sözleri aýdyldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz sungat ussatlaryna minnetdarlyk bildirip, Halkara atçylyk akademiýasynyň ýapyk manežine bardy. Bu ýerde “Galkynyş” milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlary guraldy. Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynyň Altyn baýragyna, şeýle hem ençeme beýleki halkara ýaryşlaryň baýraklaryna mynasyp bolan bu topar milli sirk sungatymyzy dünýäde giňden tanatmaga uly goşant goşmak bilen bir hatarda, ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylýan dabaralarda, şanly seneler mynasybetli guralýan medeni-köpçülikleýin çärelerde çykyş edip, olaryň derejesini has-da belende göterýär. Ajaýyp bedewleriň gözelligi, çeýeligi, toparyň çapyp barýan atyň üstünde dürli çylşyrymly hereketleri ýerine ýetirýän artistleriniň ussatlygy tomaşaçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrdy. Çykyşlar tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow açyk maneže barýar hem-de özi üçin bellenen ýere geçýär.

Ähli türkmen halkynyň adyndan döwlet Baştutanymyza, Gahryman Arkadagymyza

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026

Watanymyzyň rowaçlygy, halkymyzyň bagtyýar durmuşy ugrunda alyp barýan giň möçberli işleri we ahalteke bedewleriniň dünýädäki şan-şöhratyny has-da belende götermäge berýän aýratyn ünsi üçin hoşallyk sözleri beýan edildi. Ýurdumyzda giňden bellenilýän Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli gutlaglar, il bähbitli, bütin adamzat ähmiýetli durmuşa geçirilýän işlerde uly üstünlikler baradaky arzuwlar ýaňlandy.

Diýarymyzda milli atşynaslyk pudagy täze belentliklere çykarylyp, atçylyk sport düzümlerini, atçylyk sportunyň görnüşlerini we milli atşynaslyk däplerini ösdürmek, arassa ganly tohum atlaryň baş sanyny köpeltmek ugrunda giň gerimli işler amala aşyrylýar. Häzirki wagtda arassa tohumly ahalteke bedewleri bilen baglanyşykly atçylyk sungatynyň milli däp-dessurlaryny many-mazmun taýdan baýlaşdyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar. Ahalteke bedewleriniň nesil ugurlaryny has-da gowulandyrmak maksady bilen, tohumçylyk-seçgi işleri hem kämilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen atlarynyň şan-şöhratyny dünýä ýaýmak, dürli ýurtlarda ahalteke bedewlerini ösdürip ýetişdirýän atşynaslaryň, hünärmenleriň, edara görnüşli taraplaryň işini utgaşdyrmak, ahalteke bedewleri baradaky maglumatlary toplamak, atçylyk pudagynyň halkara derejede ösdürilmegine goşant goşmak, bu ugurda halkara maslahatlary we sergileri guramak maksady bilen, ştab-kwartirasy Aşgabatda ýerleşýän Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasy esaslandyryldy. Bu gurama döredilenden bäri dünýäniň dürli künjeklerinden hususy atşynaslar bu düzüme agza boldular. Olaryň hatary ýyl-ýyldan has-da artýar. Şeýlelikde, ahalteke bedewleriniň asyl mekany bolan Türkmenistanda atçylyk pudagynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi milli atşynaslyk ýörelgeleriniň yzygiderli kämilleşdirilýändiginiň we bu ugurda hyzmatdaşlygyň geriminiň giňeldilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026




Ýurdumyzda ahalteke atlarynyň şan-şöhratyny artdyrmakda, milli seýisçilik sungatyny has-da kämilleşdirmekde, olary ösdürip ýetişdirmekde uly işleri bitiren halk seçgiçileriniň, ussat seýisleriň atlary ebedileşdirilýär. Şeýle şahsyýetleriň biri-de Aba Annaýewdir. Onuň atşynaslyk sungatyny ösdürmekde we bu sungatyň gadymy däplerini nesilden-nesle geçirmekde bitiren hyzmatlary örän uludyr. Aba Annaýew öz işiniň hakyky ussady bolup, saýlama bedewleriň köp sanlysyny ösdürip ýetişdirdi we seýisledi. Halypa seýsiň adynyň Arkadag şäheriniň esasy şaýollarynyň birine, şeýle hem «akylly» şäherdäki Halkara atçylyk akademiýasyna dakylmagy ýurdumyzda zehinli seýislere, halypalara goýulýan çuňňur hormatdan nyşandyr. Pudak üçin ýokary hünär derejeli işgärleri, atçylyk sporty we syýahatçylyk, sirk sungaty boýunça hünärmenleri taýýarlaýan bu ýokary okuw mekdebinde bilim almak, ylmy-barlag işlerini geçirmek üçin ähli şertler döredilipdir. Akademiýanyň ýanynda döwrebap enjamlar bilen üpjün edilen Atçylyk ylmy-önümçilik merkezi hereket edýär. Bu ýerde ýokary okuw mekdebiniň talyplary öz bilimlerini kämilleşdirip, ylmy-barlag işlerine gatnaşyp bilýärler.

…Atçylyk pudagyny ösdürmek baradaky tagallalaryna çäksiz hoşallygy alamatlandyrýan

Все права защищены

ahalteke bedewlerini sowgat hökmünde kabul etmek üçin hormatly Prezidentimiz uly hormat bilen dabaralar meýdançasyna çagyrylýar.

Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli, döwlet Baştutanymyza Ahal welaýatynyň ýaşaýjylarynyň adyndan Arkaç, Balkan welaýatynyň ýaşaýjylarynyň adyndan Gazal, Daşoguz welaýatynyň ýaşaýjylarynyň adyndan Diýar, Lebap welaýatynyň ýaşaýjylarynyň adyndan Güneş, Mary welaýatynyň ýaşaýjylarynyň adyndan Pälwan, Aşgabat şäheriniň ýaşaýjylarynyň adyndan Ynamly, Arkadag şäheriniň atşynaslarynyň adyndan Parahat atly ajaýyp bedewler sowgat berildi. Şol pursatlarda welaýatlara hem-de Aşgabat, Arkadag şäherlerine wekilçilik edýän ýaş nesiller ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly waka mynasybetli Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyklaryny joşgunly goşgy setirleri arkaly beýan etdiler.

Harby we hukuk goraýjy edaralaryň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Watançy atly bedew sowgat berildi.




Все права защищены

Arkadagly Gahryman Serdarymyz dabara gatnaşýan welaýatlaryň hormatly ýaşulularyna, behişdi bedewleriň şöhratly ýolunyň mynasyp dowam etdirilmegine uly goşant goşýan ähli atşynaslara tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz Arkadag şäheriniň atşynaslarynyň adyndan sowgat berlen Parahat atly bedewiň boýnuna käbesi Ogulgerek ejäniň ören alajasyny dakdy. Munuň özi ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna beslenýän şu ýylda aýratyn many-mazmuna eýedir. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda parahatçylyk, döredijilik ýoly bilen ynamly öňe barýan Bitarap Türkmenistanyň taryhynda şanly senedir. Döwletimiziň BMG-niň degişli Kararnamalary bilen üç gezek ykrar edilen Bitaraplyk hukuk derejesi parahatçylyk döredijiligiň, sebitde we dünýäde howpsuzlygy, durnukly ösüşi pugtalandyrmagyň netijeli guraly bolup durýar.

Soňra bu ýerde «Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi. Ahalteke bedewleriniň gözellik bäsleşigi ussat hünärmenleriň, bedew muşdaklarynyň ünsüni özüne çekýän ýatdan çykmajak wakadyr. Gözelligi, ýyndamlygy, eýesine çäksiz wepadarlygy bilen tapawutlanýan bu ajaýyp atlar tomaşaçylaryň belent hormatyna mynasyp bolýar. Geçirilen saýlama tapgyrlaryň barşynda bäsleşigiň jemleýji tapgyryna owadan, syratly, ajaýyp atlaryň 10-sy çykaryldy. Bu atlar eminler topary tarapyndan “Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi” diýen ada eýe bolmaga has mynasyplar hökmünde ykrar edildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026



Syn ediş meýdançasyna ahalteke atlarynyň iň naýbaşy nesil ugruny esaslandyran meşhur bedewleriň neslinden bolan, biri-birinden owadan bedewler çykarylýar. Alypbaryjy bedewleriň her biriniň ady hem-de gelip çykyşy bilen tanyşdyrýar. Olar Garaduman diýen gara, Jaňlygara, Pereňdagly atly gurt mele, Meleguş, Patrak, Meýdanly, Gözbaş, Watançy atly mele, Pähimli, Kerwen atly dor atlardyr. Bu bedewleriň ählisi şöhratly nesil ugurlaryna degişli bolup, ol ýa-da beýleki tohum ugruny dowam etdirijilerdir. Şunda behişdi bedewlere sarpa goýýanlaryň köp sanlysy esasy nesil ugurlarynyň binýadyny goýan şöhratly bedewleriň häzirki nesilleriniň täsin gözelligine baha bermäge mümkinçilik aldy.

Ahalteke bedewleri diňe bir at muşdaklarynyň däl, eýsem, sungaty söýüjileriň hem ünsüni çekýär. Çünki köp suratkeşler we heýkeltaraşlar bedewleriň gözelliginden ylham alýarlar. Halkymyzyň ýelden ýüwrük bedewlerimize bolan çäksiz söýgüsi nusgawy edebiýatymyzda, şahyrlarymyzyň şygyrlarynda, atalar sözüdir nakyllarda, milli äheňdäki eserlerde öz beýanyny tapýar. «At agynan ýerinde toý bolar», «Atym bar — ganatym bar», «Irden turup ataňy gör, atańdan soň — atyňy», «At — ýigidiň ýoldaşy» ýaly çuň many-mazmunly jümleler hem muny aýdyň äşgär edýär. Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi — biziň

Все права защищены

buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly ajaýyp kitaplary behişdi bedewlerimize goýulýan bimöçber sarpadan aýdyň nyşandyr hem-de ýaş nesil üçin gymmatly gollanmadyr.

Bedewler tomaşaçylaryň öňünden ilki bezelmedik görnüşinde, soňra bolsa ussat zergärleriň taýýarlan milli şaý-sepleri bilen bezelen görnüşde geçirildi. Alypbaryjy gözellik bäsleşigine gatnaşýan atlar baradaky maglumatlary aýdyp, bedewler bilen baglanyşykly milli däpler, olaryň üýtgeşik häsiýetleri barada gürrüň berdi. Bedewlere bagyşlanan şahyrana setirler belentden ýaňlandy.



Soňra atlaryň tebigy özüne çekijiligini, gözelligini sungat eserlerinde çeper beýan etmek boýunça döredijilik bäsleşiginiň ýeňijileriniň atlary yglan edildi. Onda haly eserini döretmek, zergärçilik, surat we heýkel eserleri, neşir önümleri, fotosurat we teleoperatorçylyk işi ýaly ugurlar boýunça iň gowy işler saýlanyp alyndy. Ahalteke bedewiniň gaýtalanmajak keşbi, duýgurlygy, düşbüligi eserleriň awtorlaryny şahyrana mazmuna hem-de ylhama beslenen dürli keşpleri döretmäge ruhlandyrdy.

Все права защищены

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyndan ýeňijilere — Ahal welaýatynyň Gökdepe etrap häkimliginiň senagat, gurluşyk, arhitektura we ykdysadyýetiň beýleki pudaklary bölüminiň birinji derejeli hünärmeni Ý.Gulowa “Bedew batly Watanym” atly haly eseri; Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň amaly-haşam sungaty kafedrasynyň mugallymy Ş.Orazberdiýewe “Altyn bezeg” atly at şaý-sep toplumy; Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň nakgaşçylyk kafedrasynyň 3-nji ýyl talyby J.Gurbanowa “Behişdi bedewler” atly nakgaşlyk eseri; Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň heýkeltaraşlyk kafedrasynyň 3-nji ýyl talyby G.Hanowa “Şan-şöhrata beslenen türkmen bedewi” atly heýkel eseri; Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň amaly-haşam sungaty kafedrasynyň 4-nji ýyl talyby A.Gutlyýewe “Şa serpaýly bedewli halylar” atly senenama neşir işi; Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Halkara habarlar merkeziniň operatorlar bölüminiň bölüm müdiri B.Garlyýewe “Owazasy dünýä dolan “Galkynyş” atly wideoşekili üçin baýraklar gowşuryldy. Bäsleşige gatnaşanlaryň her biri döredijilik işinde gözelligiň, sazlaşygyň ýokary derejesi, täsinligiň belent nusgasy hasaplanýan bedewiň keşbine bolan garaýşyny özboluşly beýan etmäge çalşypdyr. Ýeňijiler döredijilik işlerine berlen ýokary baha üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, behişdi bedewlerimiziň bütin dünýädäki şöhratyny has-da artdyrmagyň bähbidine ukyp-başarnyklaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

Все права защищены
save pdf date >>> 26.01.2026



Soňra ahalteke bedewleriniň arasynda “Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi” adyny almak ugrunda geçirilen halkara gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi yglan edildi. «2025-nji ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» diýen ada 2020-nji ýylda doglan, Gerden we Tugly diýen bedewleriň nesli bolan, meşhur Gyrsakaryň ugruna degişli Meleguş diýen mele at mynasyp boldy. Halkara gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi bolan atyň eýesine hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baş baýragy — “Toyota Camry V6” kysymly ýeňil awtoulagyň açary, göçme kubok hem-de diplom gowşuryldy.

Ýeňiji bolan bedewiň seýsi gymmat bahaly baýrak hem-de atçylyk pudagyny ösdürmäge berýän ägirt uly ünsi üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Ol türkmen atşynaslarynyň geljekde-de bu ugurdaky işleri mynasyp dowam etdirjekdiklerine ynandyryp, hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan il-ýurt bähbitli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda ýaýbaňlandyrylan aýdym-sazly çykyşlar dabaranyň ajaýyp jemlenmesi boldy.

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026

Soňra döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow baýramçylyk dabaralaryna gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

Все права защищены